**Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi.**
**Kärhananyň ykdysadyýeti.**
**Ähli hünärleriň 1 ýyl talyplary üçin.**
**Mugallym:Weliýew Nurýagdy Täçmyradowiç.**
**1-nji tema:Bazar ykdysadyýetinde kärhana.**
(2 sagat)
**Umumy okuwyň meýilnamasy:**

1. **Telekeçilik işi we eýeçilik.**
2. **Kärhana: düşünje, düýp manysy, hereket etmegiň ykdysady esaslary**
3. **Kärhananyň daşky gurşawy.**
4. **Kärhanalaryň guramaçylyk- hukuk görnüşleri.**
5. **Kärhanalaryň topara bölünmesi.**

## 1. Telekeçilik işi we eýeçilik.

Eýeçilik hukuk manyda emläk gatnaşyklaryny aňladýar. Eýeçilik ykdysady manyda önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine eýelik etmek boýunça adamlaryň arasynda döreýän çylşyrymly önümçilik gatnaşyklaryny aňladýar. Maddy nygmatlary öndürmek – munuň özi adamlaryň tebigatyň zatlaryna eýelik etmegidir. Emma tebigatyň we adamlaryň döreden baýlygynyň kime degişlidigini kesgitleýän gatnaşyklardan daşary hiç zada eýelik edip bolmaýar.

Eýeçilik gatnaşyklaryna şu aşakdakylar girýär : a) eýelik etmek; b) eýeçilikdäki zatlary peýdalanmak; ç) eýeçiligi ykdysady durmuşa geçirmek. Bularyň hemmesi önümçilikde adamlaryň arasynda döreýän ykdysady gatnaşyklaryň düýp mazmunyny düzýär.

Indi bu agzalan gatnaşyklaryň üstünde durup geçeliň.

Eýelik etmek diýip adamlaryň zatlara özüniňki hökmünde garamak gatnaşygyny emele getirýän ykdysady gatnaşyklaryna aýdylýar. Eger-de kimde kim “şu traktor meniňki” diýse, onda ol şeýle diýmek bilen, hereket edýän hojalyk gatnaşyklaryny häsiýetlendirýär. Ýagny ol ýaňky emlägi (traktory) kimiň eýelemek mümkinçiliginiň bardygyny kesgitleýär.

Emläk eýesiniň emlägini öz isleýşine görä peýdalanmaga hukugy bardyr. Ol öz zadyny özi peýdalanman, belli bir şertlerde ondan peýdalanmak mümkinçiligini başga birine bermegi hem mümkin. Şeýle ýagdaýda zadyň eýesi bilen emlägi peýdalanýanyň, aýdaly telekeçiniň arasynda emlägi hojalykda peýdalanmak boýuça gatnaşyklar döreýär. Telekeçi kesekiniň eýeçiligine wagtlaýyn ygtyýarlyk etmäge we ondan peýdalnamaga hukuk alýar.

Kesekiniň emlägini hojalygy alyp barmak üçin wagtlaýyn peýdalanmagyň mysaly hökmünde kärendäni görkezmek bolar. Emlägiň eýesiniň öz zadyny başga birine belli bir töleg üçin wagtlaýyn peýdalanmaga bermegi kärende gatnaşyklaryny emele getirýär.

Eýeçilik zat düzümi boýunça dürli emläklerden durýar. Ol şol emläklere eýelik etmek, olary peýdalanmak boýunça emele gelýän ykdysady gatnaşyklary aňladýar. Onuň zatlary hökmünde ýer, ýerasty baýlyklar, suw resurslary, tokaý fondy, ösümlik hem haýwanat dünýäsi, dag-magdanly ýerler, emläk kompleksleri, jaýlar, desgalar, ýaşaýyş jaý-kommunal obýektleri, enjamlar, pul serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar hem-de önümçilik, sarp ediş, dumuş, medeni we beýleki hajatlar üçin niýetlenen gaýry eýeçilik obýektleri, medeniýet senetleri, açyşlar, oýlap tapyşlar, senagat nusgalary, haryt nyşanlary hem-de hyzmat ediş nyşanlary, akyl zähmetiniň döreden beýleki zatlary çykyş edýärler. Bulardan adam zähmetiniň netijesinde döredilen önümçilik serişdeleri, ýagny maşynlar, enjamlar, ölçeýji gurallar we başgalar iň esasylarydyr.

Suw resurslary, ýerasty baýlyklar we beýleki tebigy baỳlyklar döwletiň aýratyn eýeçiligine degişlidir. Olary döwlet beýleki eýeçilere eýelik etmek we peýdalanamak üçin berýär. Ýöne agzalan tebigy baỳlyklara diňe döwlet özüçe erk edip bilýär.

Döwlet, raýatlar we olaryň birleşmeleri, kärhanalar we olaryň birleşmeleri, kooperatiwler, jemgyýetçilik birleşmeleri (guramalary) eýeçi bolup çykyş edýärler. Türkmenistanda beýleki döwletler, olaryň hukuk taraplary we raýatlary hem eýeçi bolup biler.

Biziň ýurdumyzda eýeçilik aşakdaky görnüşlerde çykyş edýär:

- hususy eýeçilik;
- döwlet eýeçiligi;
- jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi;
- kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligi;
- bilelikdäki kärhanalaryň eýeçiligi;
- gatyşyk (birleşen) eýeçilik.

Eýeçiligiň ýokarda agzalan görnüşleriniň üstünde durup geçeliň.

Türkmenistanda önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem ruhy gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugy ýöreýär.

**Hususy eýeçilik** diýip önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine aýry-aýry adamlaryň eýelik etmegine aýdylýar. Hususy eýeçilik görnüşleri boýunça raýatlaryň, hukuk taraplaryň hususy eýeçiligine (hususy kärhanalaryň we telekeçilik

birleşikleriniň eýeçiligine) hem-de raýatlar bilen hukuk taraplaryň eýeçiliginiň birleşdirilmegi esasynda döredilýän gatyşyk hususy eýeçilige bölünýär.

Hususy eýeçiler öz eýeçiligindäki zatlary gös-göni özleri peýdalansa, onda olar hem eýeçi hem-de işgär bolup çykyş edýärler. Hususy eýeçilikdäki emlägi hakyna tutma zähmetiň üsti bilen peýdalanylmagy hem mümkindir.

Hususy eýeçilik başarjaňlygy, işe jogapkärli garamagy, täzeçilligi höweslendirýär. Şonuň üçin hem hususy eýeçiligiň ösdürilmeginiň jemgyýet üçin örän uly ähmiýeti bardyr.

Türkmenistanda möçberi boýunça iň köp eýeçilik **döwlet eýeçiligidir**. Ýerasty baýlyklar, suw resurslary we beýleki tebigy baỳlyklar, şeýle hem Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasyna degişli zatlar döwletiň aýratyn eýeçiligi hasaplanýar. Olara diňe döwlet erk edýär. Bulardan başga-da döwlet eýeçiligine ýer, häkimýet we dolandyryş edaralarynyň emlägi, döwlet kärhanalarynyň emlägi, döwlet banklary, döwletiň okuw jaýlarynyň, ylmy-barlag institutlarynyň emlägi, döwlet býujetiniň serişdeleri, durmuş-medeni pudaga degişli zatlar we ş.m. degişlidir. **Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) eýeçiligi** jemgyýetçilik birleşikleriniň hut öz eýeçiligine, haýyr-sahawat we gaýry jemgyýetçilik gaznalarynyň eýeçiligine, dini guramalaryň eýeçiligine bölünýär. Eýeçiligiň bu görnüşleriniň, esasan hem dini guramalaryň eýeçiliginiň hereket etmegi we ösmegi üçin zerur şertler diňe Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soň döredildi.

Türkmenistanda hereket edýän eýeçiligiň ýene-de bir görnüşi **kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligidir.** Kooperatiw eýeçiliginiň emlägi onuň agzalarynyň berýän pul we beýleki emläk tölegleriniň, önümçilik, söwda, taýýarlaýyş işini etmekden, gymmat bahaly kagyzlary satmakdan hem-de kooperatiwiň düzgünnamasynda göz öňünde tutulan başga işleri ýerine ýetirmekden alnan girdejileriň hasabyna döredilýär.

Biziň ýurdumyzda **bilelikdäki** kärhanalaryň, beýleki döwletleriň, olaryň hukuk taraplarynyň we raýatlarynyň **eýeçiligi** hem bardyr. Ykdysady özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmak üçin beýleki döwletler bilen, olaryň raýatlary we hukuk taraplary bilen bilelikde kärhanalary guramagyň uly ähmiýeti bardyr. Ol kärhanalar biziň ýurdumyzyň diňe çig mal öndürmegiň hasabyna däl-de, taýýar önümleri öndürmegiň we satmagyň hasabyna baýamagy üçin gerekdir. Türkmenistanda bar bolan eýeçiligiň ýene-de biri **gatyşyk (birleşen) eýeçilikdir.** Gatyşyk eýeçilikdäki kärhanalar hususy we döwlet eýeçiligine degişli zatlaryň, şeýle hem jemgyýetçilik guramalarynyň, beýleki döwletleriň, olaryň hukuk taraplarynyň we raỳatlarynyň eýeçiligine degişli emläkleriň birleşdirilmegi esasynda döreýär.

Gatyşyk eýeçiligiň hereket etmegi eýeçiligiň dürli görnüşleriniň biri-birine zyýan bermän, özara gatnaşykda, bäsleşip ýaşap biljekdigini görkezýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda eýeçiligiň we hojalygy alyp barmagyň dürli görnüşleri bardyr. Onuň ykdysadyýeti köp ukladly garyşyk ykdysadyýetdir. Ol garyşyk ykdysadyýetde eýeçiligiň ýokarda agzalan görnüşleriniň hemmesi deňhukukly utgaşyp hereket edýärler. Bu bolsa bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy talabydyr.

## 2. Kärhana: düşünje, düýp manysy, hereket etmegiň ykdysady esaslary.

Jemgyýetçilik önümçiligi çylşyrymly ulgam bolup, özüniň düzümi boýunça dürli kärhanalardan ybaratdyr. Kärhana jemgyýetçilik önümçiliginiň ilkinji şahasydyr. Hut şu ýerde işçi güýji bilen önümçilik serişdeleriniň birleşmesi netijesinde maddy nygmatlar öndürilýär.

Halk hojalygynyň ykdysady ýagdaýy kärhanalaryň işine baglydyr. Her bir kärhananyň işiniň netijeliliginiň ýokarlanmagy ýurduň ykdysadyýetiniň ösmegine alyp barýar.

Kärhana öz işgärleri bilen hem ykdysady gatnaşykda bolýar. Ol gatnaşyklar önümçiligi guramak, ony dolandyrmak, iş hakyny tölemegi guramak we işgärleri kärhananyň işiniň ykdysady netijeliligini ýokarlamdyrmagy höweslendirmek boýunça ýüze çykýan gatnaşyklardyr.

Şeýlelik bilen, kärhana – munuň özi peýda almak maksady bilen haryt öndürýän we ýerleşdirýän, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirýän, ykdysadyýetiň özbaşdak bölegidir.

Ykdysadyýetiň esasyny önüm öndürmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek düz- ýär. Önümçilik bolmasa sarp ediş bolmaz-da, diňe ozal toplanan baýlyk gutarar. Önümçi- ügi guramagyň häzirki gömiişi ykdysadyýetiň esasy bölegi (halkasy) bolup çykyş edýän kärhana bolup durýar. Tutuş ykdysadyýetiň ýagdaýy onuň işiniň netijeliligine, maliýe ýag- daýyna, tehnologik we durmuş taýdan «guratlygyna» baglydyr. Kärhana ýurduň tutuş yk- dysadyýetiniň çylşyrymly piramidasynyň esasyny emele getirýär.

Biz kärhana, öňi bilen hem senagat kärhanasy bilen tanyşýan wagtymyzda özi bilen zawodlaryň binalaryny, enjamlaryny, ulag ulgamlaryny, kommunikasiýalary, ýagny öniim- çilik-tehniki toplumy görýäris. Olaryň aňyrsynda kärhananyň işiniň barşynda biri-biri bilen Çylşyrymly gatnaşyklara girýän adamlar - işçiler, inženerler, önümçiligiň guramaçylary (menejerler), eýeler (paýdarlar) bar.

Kärhana has doly häsiýetnama bermek üçin önümleri ýerlemegi guramak, ony sarp edijileriň topary, harytlary iberme ulgamy we üpjün edijileriň düzümi barada hem düşün- jäniň bolmagy zerurdyr. Mundan başga-da, kärhananyň guramaçylyk-hukuk gömüşi, onun emläginiň düzümi we gymmaty, maliýe-karz guramalaiy hem-de döwlet bilen ozara gat- naşyklary we ş.m. anyklanmalydyr. Bularyň ählisi bilelikde kärhananyň ykdysady taydan bitewüligini emele getirýär.

«Kärhana» düşünjesine dürli nukdaýnazardan seredip bolar. Bir tarapdan, karhana bu telekeçilik işini amala aşyrmak üçin peýdalanylýan emläk toplumydyr. Kärhana oz işim amala aşymiak üçin niýetlenen ähli emläk görnüşlerini, şol sanda ýer boleklermi, jaylary, desgalary, enjamlary, esbaplary, çig maly, önümleri, ňrma adyny, haryt nyşanlaryny, şeýle hem bergilen we beyleki ayratyn hukuklary bir topluma birleşdirýär

Beýleki tarapdan, kärhana bu tehniki we guramaçylyk prosesleri, onuň içinde bolun geçýän ykdysady gatnaşyklar bilen emele getirilýän bellibir durmuşy bitewülikdir. Aýdylanlaryň ählisini nazaia almak bilen, «kärhana» düşünjesini şunuň ýaly emele getirip bolar'

Kärhana - ykdysady we özbaşdak kanuny, ýagny ýuridik şahsyň hukuklary, harytlary, işleri, hyzmatlary öndürmek we ýerleşdirmek hem-de peýda almak ýaly maksatlaryň umumylygy bilen kesgitlenýän guramaçylyk-tehniki, ykdysady we durmuş bitewülik bilen şertlendirilen hojalyk birligidir.

**Guramaçylyk-tehniki, ykdysady we durmuş bitewiilik şulary göz öňünde tutýar:**

1. peýdalanylýan serişdeleriň ähli görnüşleriniň we kärhananyň işiniň ykdysady netijeleriň umumylygyny;
2. önümçilik serişdeleriniň umumylygyny we özara baglanyşygyny, tehnologik enjamlaryň özara baglylygyny we biri-biriniň tistüni ýetirýändigini;
3. -önümçiligi we zähmeti guramagyň ýeke-täk ulgamyny;
4. işleýänleriň maksatlarynyň we bähbitleriniň umumylygyny.

***Kärhananyň ykdysadyýetiň esasy bölegi hökmündäki ähmiýeti şu ýagdaýlar bilen kesgitlenýär:***

1. kärhanalarda önüm öndürilýär, işler ýerine ýetirilýär we hyzmatlar edilýär, olar aýratynlykda her bir adamynyň we tutuşlygyna jemgyýetiň ýaşaýşynyň maddy esasyny emele getirýär;
2. kärhana jemgyýetde önümleri öndiinnek, ýerleşdirmek, paýlamak we sarp etmek bilen bagly emele gelýän gatnaşyklaryň esasy subýekti hökmiinde çykyş edýär;
3. kärhana esasy önümçilik serişdelerine (çig mala, materiallara, ýangyja, energiýa, tehnologik enjamlara, işçi güýjüne, maliýe we maglumat serişdelerine), tehnologik, önüm we guramaçylyk-dolandyryş innowasiýalaryna bolan isleg çeşmesi bolup durýar;
4. kärhana ähli derejelerdäki býujetleriň girdejilerini emele getirmegiň iň möhüm çeşmeleriniň biri bolup durýar;
5. ilatyň köp bölegi kärhanalarda işlemek bilen, özüniň zähmeti üçin hak-heşdek alýar;
6. kärhanalarda raýatlar durmuş taýdan uýgunlaşma geçýärler, ähli derejedäki dolandyryş edaralary tabynlygyndakylar bilen özara gatnaşyklarynyň kadalary we endikleri emele gelýär.

Kärhana hereketsiz duran göwre däldir. Islendik kärhana öz «ömrüniň» dowamynda «döreýiş - ösüş - durnuklaşma - peselme - ýapylma» döwrüni geçýär. Kärhanalar döreýärler we ýapylýarlar, olaryň ýerinde täzeleri peýda bolýar, olar hem öz gezeginde täze döreýänlere öz orunlaryny berýärler.

## 7. Kärhananyň daşky gurşawy.

Islendik kärhana ýapyk ulgamdan ybaratdyr, bu ulgama has ýokary derejedäki ulgam - döwletiň ykdysady ulgamy täsir edýär, kärhana bolsa döwletiň bir bölegi bolup durýar. Kärhana öz maksatlaryny durmuşa geçirmegiň barşynda beýleki hojalyk subýektleri, döwlet we sebitleýin dolandyryş edaralary, fiziki şahslar bilen özara hereketde bolýar. 1-nji suratda kärhananyň daşky gurşawynyň düzümi, şeýle hem onuň içerki ulgamyna täsir edýän subýektler görkezilýär.




Çyzgynyň çep tarapynda kärhananyň daşky gurşawyna şol gurşawyň elementleriniň ₀nun işinu edýän täsiri nukdaýnazaryndan seredilýär. Meselem, **ykdysady gurşaw** kärhananyň işine döwletiň pul-karz we salgyt syýasatynyň, ykdysadyýetdäki hümmetsizlenme ýaitdaýlnrynyň, gurluş taýdan üýtgetmeleriň üstünden täsir edýär. Ykdysady gurşaw maýa oýum serişdelerine bolan islegi emele getirýär. Ol kärhananyň işine Merkezi bankyň göterim möçberiniň üýtgemeginiň hasabyna onuň üçin karz serişdeleriniň elýeterliligini iiýt- getmek ýoly bilen has intensiw täsir edýär.

Çyzgynyň çep tarapynda kärhananyň daşky gurşawyna şol gurşawyň elementleriniň $_0$nun işinu edýän täsiri nukdaýnazaryndan seredilýär. Meselem, **ykdysady gurşaw** kärhananyň işine döwletiň pul-karz we salgyt syýasatynyň, ykdysadyýetdäki hümmetsizlenme ýagdaýlarynyň, gurluş taýdan üýtgetmeleriň üstünden täsir edýär. Ykdysady gurşaw maýa oýum serişdelerine bolan islegi emele getirýär. Ol kärhananyň işine Merkezi bankyň göterim möçberiniň üýtgemeginiň hasabyna onuň üçin karz serişdeleriniň elýeterliligini iiýt- getmek ýoly bilen has intensiw täsir edýär.

~ **Durmuş gurşawy** kärhana onuň önümine ilat tarapyndan bildirilýän islegiň tölege ukyplylygynyň üstünden täsir edýär. Durmuş gurşawyň elementleri (bilim, medeniýet, milli we dini däpler we ş.m.) islegiň gurluşyna täsir edýär.

Zähmet bazarynda islegiň we teklibiň gatnaşygy, işçi güýjüniň hünär derejesi hem dunriuş gurşawy bolup durýar. Telekeçilik ukyplary we kärhananyň menejmentiniň dere- jesi durmuş gurşawyň ýagdaýyna baglydyr.

**Tehnologik gurşaw** kärhanada we onuň bäsdeşlerinde peýdalanylýan tehnologiýa- laryň derejesini kesgitleýär. Aýratyn alnan milli hojalygyň çäklerinde bu çägi şu möhüm parametrler boýunça häsiýetlendirip bolar:

8. ö
nümçilik işinde täze tehnikany we innowasion tehnologiýalary ulanmak; ^

1. esasy gaznalaryň, öňi bilen hem enjamlaryň peýdalanylýan ortaça möhleti we olaryň fiziki hem-de moral taýdan könelme derejesi.

**Hukuk gurşawy** kärhananyň onuň çäklerinde hereket etmeli bolýan, kanunçylyk taýdan berkidilen «oýun kadalaryny» emele getirýär. Kanunçylyk namalarynyň durnuklylyk, ýerine ýetiriliş derejesi we olaryň kabul edilişiniň demokratik derejesi, kabul edilen kadalaşdyryjy namalaryň hakyky işewürlik tejribesine laýyk gelşi we bazar gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hukuk taýdan sowatlylygy hukuk gurşawyny häsiýetlendirýär. Hukuk gurşawynyn ýagdaýyna «görünmeýän ykdysadyýet» hem täsir edýär. Köplenç ýagdaýda, «gorunmeyan» gurluşlaryň talap edýän oýun kadalary kärhananyň hojalyk işme duýpli tasir edip biler.

**Döwlet-syýasy gurşaw syýasy** çözgütleriň kärhananyň işiniň ykdysady şertlerine edýän täsiri bilen onuň işini tertipleşdirýär. Kärhananyň döwlet-syýasy gurşawa bag-lylygy döwletiň ykdysady proseslere täsir ediş derejesi bilen kesgitlenýär, çünki hökü-met syýasy maksatlary, esasan, maliýe gurallaryny peýdalanmak arkaly durmuşa ge-çirýär.

1-nji suratyň ýokary tarapynda kärhananyň işine täsir edýän subýektler hökmünde onuň daşky gurşawynyň elementleri görkezilýär. Birinji nobatda olara kärhana tarapyndan öndürilen önümleri **sarp edijler** degişlidir, olar haýsydyr bir zady ileri tutýandyklary we öz girdejilerine ygtyýar edýändikleri bilen kärhananyň önümleriň nomenklaturasyna, baha syýasatyny saýlap alşyna, önümçiligiň möçberlerine täsir edýärler.

Serişdeler (maddy, zähmet, maglumat, maliýe) bilen ***üpjün edijiler*** harajatlaryň emele getirilýän wagtynda täsir edýärler. Serişdeler bilen üpjün edijiler hökmünde beýleki senagat kärhanalary, ilat, maýa goýum-karz edaralary, ylmy-barlaglar we konstruktorçylyk işläp taýýarlamalar bilen meşgullanýan guramalar, geňeşçi firmalary we ş.m. çykyş edip bilerler.

Kärhana daşyndan täsir edýän subýektlere **bäsdeşler** hem degişlidir. Bazarda bäsleşik derejesi, bäsdeşleriň strategiýalary kärhananyň öz strategiýasynyň bolmagyny we onuň funksional kiçi ulgamlarynyň (baha, innowasion, daşary ykdysady ulgamlar) düzgünleşdirmegini talap edýär.

**Hyzmatdaşlar** (beýleki kärhanalar, banklar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, ylmy-barlag we taslama-konstruktorçylyk guramalary we beýlekiler) hem kärhananyň işine täsir edýärler, aýratyn hem goşulyşan birleşikleriň, mysal üçin, dikligine ýa-da keseligine bir- leşikleriň işindäki gatnaşyklara täsir edýärler. Kärhananyň dikligine ýa-da keseligine bir- leşigine girmegi, adatça, kärhananyň mümkinçiliklerini, hususan-da, goşmaça serişdeleri çekmek mümkinçiligini giňeldýär.

Daşky gurşaw subýektlerine **döwletin ykdysady syýasatyny alyp baryjylar** bolup durýan edaralar we guramalar hem, şol sanda salgyt gulluklary, tehniki düzgünleşdiriş, sertifikatlaşdyryş we metrologiýa edaralary we beýlekiler degişlidir.

Kärhananyň içki gurşawyna täsir ediş ulgamynda jemgyýetçilik guramalary aýratyn orun eýeleýärler, olar, mysal üçin, «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak jemgyýeti» öndürilýän önümiň we edilýän hyzmatlaryň hiline gözegçilik etmekde degerli rol oýnaýarlar. Ekologiýa guramalary kärhananyň ekologiýa ýagdaýyna edýän täsirine gözegçilik edýärler.

## 2. Kärhanalaryň guramaçylyk- -hukuk görnüşleri.

Kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk gömüşleri şular boýunça tapawutlanýar:

3. maýanyň eýesiniň kärhanany dolandyrmaga we onuň önümçilik işine şahsy özüniň gatnaşmagynyň hökmanylygy boýunça;

_ telekeçilik işini amala aşyrýan täjirçilik guramasynyň maýasynyň eýeleri bolup du- ran raýatlaryň karzdarlaryň öňündäki emläk jogapkärçiliginiň derejesi boýunça;

4. kärhananyň esaslyk (goşulan) maýasyna goýlan serişdeleri yzyna gaýtarmak mümkinçiligi we tertibi boýunça;

5. esaslandyryjylaryň we gatnaşyjylaryň beýleki hukuklary hem-de borçnamalary boýunça.

Käbir ýurtlarda hojalyk şereketleriniň iki gömüşi bolýar: doly şereket we ynama esas- lanýan şereket.

**Doly şereket** munuň özi, eger oňa gatnaşýanlar (doly şereketçiler) özaralarynda bag- laşylan şertnama laýyklykda şereketiň adyndan telekeçilik işi bilen meşgullanýan bolsalar we özleriniň emlägi bilen onuň borçnamalary boýunça raýdaş jogapkärçilik çekýän bolsalar, ýagny şerekete karz beren tarap şol bir wagtda olaryň ählisine hem, olaryň binne hem doly möçberde emläk talabyny bildirip bilýän bolsa, doly şereketi aňladýar. Gatnaşyanlar azyndan iki bolmalydyr, gatnaşýanlaryň aňryçägi kesgitlenen däldir. Haýsydyr bir sebabe görä diňe bir gatnaşyjynyň galýan ýagdaýynda doly şereket hojalyk jemgyýetine öwrilýär ýa-da ýatyrylýar.

***Doly şereketiň** işini alyp barmagyň iiç usuly bardyr:*

1. her bir gatnaşyjy hojalyk işini şereketiň adyndan özbaşdak alyp barýar;
2. gatnaşyjylar şereketiň işini bilelikde alyp barýarlar, ýagny şereketiň adyndan geçi- rilýän ähli geleşikler diňe gatnaşyjylaryň ählisiniň bilelikdäki çözgüdiniň esasynda amala aşyrylýar;
3. işleri alyp barmak gatnaşyjylaryň birine tabşyrylýar, beýlekileri, eger olar şereketiň adyndan haýsydyr bir geleşikleri geçirjek bolsalar, onda bu geleşik «dolandyrýan» gat- naşyjynyň ynanç hatynyň esasynda amala aşyrylýar. Doly şerekete gatnaşyjynyň her biri- niň, özüniň esaslyk maýadaky paýyna garamazdan, diňe bir sesi bolýar.

Ýurduň ykdysadyýetinde möhüm omy hojalyk jemgyýetleri tutýar. Olaryfi şereketlerden düýpli tapawudy şereketiň adamlaryň birleşigi bolup, onda hojalyk işine işjeň gatnaşmagyň hökmanydygyndan, hojalyk jemgyýetiniň bolsa maýanyň birleşmegi bolup, jemgyýetiň işine hökmany gatnaşmagyň talap edilmeýändiginden ybaratdyr.

Hojalykjemgyýetleriniň esasy üç görnüşi görkezilýär: çäkli jogapkärçilikli jemgyýet, goşmaça jogapkärçilikli jemgyýet we paýdarlar jemgyýeti.

**Çäkli jogapkärçilikli** jemgyýet (ÇJJ) diýlip bir ýa-da birnäçe adam tarapyndan esaslandyrylan täjirçilik guramasy ykrar edilýär, onuň esaslyk maýasy esaslandyryş resminamalarynda kesgitlenen paýlara bölünýär. ÇJJ-niň firma adynda «çäkli jogapkärçilikli” diýen sözleri bolmalydyr.

Şereketlerden tapawutlylykda kanunçylyk ÇJJ-niň esaslyk maýasyna jemgyýetiň karzdarlarynyň bähbitlerini kepillendirýän emlägiň iň pes möçberi hökmünde seredýär,

şunda;

ÇJJ-nm esaslyk mayasynyn in pes möçberi esaslandyryş resminamalarynyň bellige aldyrmak üçin berlen senesindäki ýagdaýa görä, zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 100 essesinden az bolmaly däldir;

esaslyk maýa goýum hökmünde diňe pul serişdeleriniň däl, eýsem beýleki emläk- leriň hem geçirilen ýagdaýynda esaslandyryjylar bu goýumlaryň puldaky bahasyny kes- gitleýärler. Kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda şunuň ýaly baha babatynda garaşsyz bilermenler tarapyndan barlag geçirilip bilner;

ÇJJ esaslandyryjyny (gatnaşyjyny) esaslyk maýa goýum goýmak borjundan boşat- maga rugsat berilmeýär;

- ÇJJ-niň bellige alnan pursadynda esaslandyryjylar tarapyndan esaslyk maýanyň ýarysyndan az bolmadyk möçberi tölenen bolmalydyr, galan bölegi birinji ýylyň dowamynda tölenmäge degişlidir;

**Goşmaça jogapkärçilikli jemgyýetiň** (GJJ) işi GJJ-nin işira tertipleşdnyan kadalar boýunça düzgünleşdirilýär. Onuň flrma adynda **«goşmaça jogapkärçilikli»** diyen sozler bolmalydyr.

ÇJJ-den tapawutlylykda GJJ-niň gatnaşyjylarynyň onuň borçnamalary boyunça jogapkärçiligi esaslyk maýa ilkibaşky goýumyň möçberi bilen çäklenmeýär, tersine olar onuň borçnamalary boýunça ähli taraplar üçin binneňzeş möçberde, esaslandyryş resminamalarynyň kesgitlenýän goýumlaryň esseleýin ululygynda subsidar jogapkarçilik (bergin birinji tarapyň töläp bilmedik ýagdaýynda, beýleki jogapkar tarapa toletdirmek hukugy) çekýäarler. Gatnaşýanlaryň biri batan ýagdaýynda jemgyýetiň borçnamalary boýunça jogapkärçilik oňa gatnaşyjylarynyň arasynda olaryň goýumlaryna deň ölçegli paýlanýar. Kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri ulgamynda ***paýdarlar jemgyýeti*** (PJ) aýratyn orny eýeleýär. “Paýdarlar jemgyýeti hakynda” kanuna laýyklykda esaslyk maýasy her biri jemgyýete galnaşyjylaryň (paýdarlaryň) jemgyýet babatynda aýratyn hukuklaryny lassyklaýnn gymmally kagyz bilen (paýnama) aňladylan paýlaryň belli bir möçberine bflltlnen tiljirçilik guramasy paýdarlar jemgyýeti diýlip ykrar edilýär. Paýdarlar jemgyýeti iki görnüşli, ýagny açyk görniişli (APJ) we ýapyk (ÝPJ) görnüşli bolýar.

AP.I ilçin öz paýnamalaryna açyk köpçülikleýin ýazylyşyk geçirmäge bolan hukuk häsiýetlidir, şunda sanlary çäklendirilmedik paýdarlar paýnamalary beýleki paýdarlaryň razylygy bolmazdan satyp bilýärler. Paýdarlar jemgyýetiniň açyklygy, hususan-da, onuft her ýykla ýyllyk hasabaty, buhgalterçilik hasabatlylygyny çap etmek borjundan ybaratdyr

Munuň tersine, ÝPJ-niň çykarýan paýnamalarynyň açyk ýazylyşygyny geçirmäge ýa-da olary haýsydyr bir gömiişde sany çäklendirilmedik adamlara teklip etmäge haky ýokdur. Paýnamalar diňe esaslandyryjylaryň ýa-da adamlaryň beýleki bir öňünden kesgitlenen toparynyň arasynda paýlanýar. Eger paýdarlaryň sany 50 adamdan geçýän bolsa, ol APJ-ne öwrillmelidir ýa-da ýapylmalydyr. ÝPJ üçin azyndan iň pes zähmet hakynyň 100 essesin- den pes bolmadyk derejede esaslyk maýanyň bolmagy zerurdyr.

APJ-niň adaty (ýönekeý) we aýratyn hukukly paýnamalary çykarmaga haky bardyr, olar eýeleriniň hukuklary boýunça tapawutlanýarlar.

Adaty paýnamalar öz eýelerine şu hukuklary berýär:

4. umumy ýygnakda meseleler çözülende ses bermek hukugy;
5. diwidendleri almak hukugy;
6. karzdarlar bilen hasaplaşykdan soň galýan emlägiň bir bölegini almak hukugy

(APJ ýapylanda);

7. jemgyýetden onuň işi barada maglumat almak hukugy.

Aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleri bellibir ýagdaýlarda ýönekeý paýnamalara garanyňda käbir artykmaçlyklardan peýdalanýar.

Meselem, aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleriniň işiň netijesine garamazdan, diwidendler adaty paýnamalaryň eýeleriniň arasynda paýlanmazdan öň olary almaga hukuklary bardyr. APJ ýapylan wagtynda karzdarlar bilen hasaplaşyklardan soň olaryň aýratyn hukukly paýnamalaryň gymmatyny almakda artykmaçlyk hukugy bardyr. Şol bir wagtyň özünde aýratyn hukukly paýnamalar olaryň eýelerine kärhananyň paýdarlarynyň umumy yygnagynda ses bermek hukugyny bermeýär. Käbir halatlarda şeýle mümkinçilik kärhananyň tertipnamasynda göz öňünde tutulýar, emma bu diňe aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleriniň emläk bähbitlerine gönüden-göni täsir edýän meseleleriň çözülýän ýagdaýlaryna degişlidir. APJ-niň esaslyk maýasynyň umumy möçberinde aýratyn hukukly paýnamalaryň paýy 25%-den geçmeli däldir.

Hojalyk gatnaşyklary ulgamynda kärende kärhanalary aýratyn orun tutýar Kärende beýleki bir eýäniň emlägine şertnama esasynda muzdly ygtyýar etmekden we girdeii almak ya-da başga wezipeleri çozmek maksady bilen, bellibir döwrüň dowamynda ondan peýdalanmakdan ybaratdyr. Kärendeçi bilen kärendä berijiniň arasyndaky gatnaşyklar kärende şertnamasy arkaly duzgunleşdmlyar. Kärende eýeçilik görnüşini we eýäni üýtgetmeýär arenda alnan emlak karenda berijimn eýeçiliginde galýar, kärendeçi bellibir töle» töle- mek bilen, kärendä alnan emläge rugsat etmek we ony peýdalanmak hukugyny alýar şonuň netijesinde ony peydalanmakdan alnan önüm we girdeji kärendeçiniň emlägi bolup durýar Kärende karhanasyna hojalygy ýoretmegiň hususy telekeçilik işi bilen kesekiniň emlämni dolandyrmagyn arasyndaky aralyk gömüşi hökmünde seredilip bilner.

## 8. Kärhanalaryň topara bölünmesi.

**Monopoliỳa,** grekçe “monos” – “ỳeke” we “poleo” – “satỳaryn” diỳen sözlerden gelip çykỳar. Monopoliỳa düşünjesi asyl manysynda **„ỳeke-täk hojaỳyn“** diỳmegi aňladỳar. Ol bir adamyň, adamlaryň toparlarynyň ỳa-da döwletiň önümçilikde, söwdada we beỳleki işlerde aỳratyn hukugyny, agalyk etmegini aňladỳar. Monopoliỳa dürli pudaklarda döräp biler. Emma durmuşyň ösmegi we kämilleşmegi zerarly bu sözüň manysy has giňelip, ol indi kämilleşmedik bäsleşige mahsus bolan bazar hadysalarynyň ençemesini özünde jemläpdir.

Öndürijiniň monopoliỳasy bolanda, pudakda ỳeke-täk öndüriji bolup, bazarda hödürlenỳän harytlaryň möçberini, olaryň bahalaryny onuň diňe özüniň kesgitlemegini aňladỳar. Eger-de bir alyjy monopolist hökmünde çykyş edỳän bolsa, onda oňa **monopsoniỳa** diỳilỳär. Bazarda satyjy hem, alyjy hem bir bolsa, onda muňa iki taraplaỳyn monopoliỳa diỳilỳär.

Önümçilikde birnäçe firmalaryň agalyk etmegine **oligopoliỳa** diỳilỳär (grekçe “oligos”-“azlyk” we “poleo” –“satỳaryn” diỳen sözlerden gelip çykỳar). Bazarda birnäçe alyjynyň agalyk etmegine bolsa **oligopsoniỳa** diỳilỳär.

Monopoliỳa kapitalistik haryt hojalygynyň ilkinji basgançagynda ỳüze çykmak bilen XX asyrda önümçilikde we harytlary satmakda aỳgytlaỳjy orun oỳnap başlaỳar. Indi erkin bäsleşigiň we özakymlaỳyn bazaryň deregine monopoliỳalar agalyk edip başlaỳar. Ähli ykdysadyỳeti öz içine alỳan absolỳut monopoliỳa bolsa, erkin bazar bäsleşigini doly aradan aỳyrỳar.

Aỳry-aỳry taryhy döwürlerde her bir ỳurduň ykdysadyỳetinde monopoliỳalaryň dürli görnüşleri emele gelỳär. Öňi bilen **tebigy** we **emeli** monopoliỳalary tapawutlandyrmak gerek.

Aỳry-aỳry eỳeleriň we hojalygy alyp barỳan taraplaryň ygtyỳarlygyndaky önümçiligiň gyt we erkin täzeden öndürip bolmaỳan şertlerine (mysal üçin, gazylyp alynỳan peỳdaly magdanlaryň, gyt metallaryň känleri; mes toprakly ỳerler) bolan aỳratyn hukugyna **tebigy monopoliỳa** diýilýär. Şeỳle monopoliỳany tebigatyň özi dörediỳär we ol durnukly bolỳar.

Haryt bazarynyň ỳa-da aỳry-aỳry harytlary öndürmegiň we satmagyň biriniň elinde jemlenmegine, onuň aỳratyn hukugynda bolmagyna **emeli monopoliýa** diýilýär.

Bazar ykdysadyỳetine geçmek üçin monopoliỳalaryň ähli görnüşlerini ỳok etmek gerek. Eger-de bäsleşik bazara geçmek üçin esasy şertleriň biri bolsa, onda munuň tersine monopolỳa agalygy barka bazar mümkin däl. Bazar monopoliyasy bäsleşigiň duşmanydyr.

Senagatyň gurluş düzümine üç derejede seredilip bilner: makro, mezo we mikro gurluşlar.

Senagatyň makrogurluşy diýip senagatyň toplumlaýyn pudaklarynyň «birleşdirilen» pudaklarynyň arasyndaky gatnaşyga we özara baglanyşyklara düşüneris (gara metallurgiýa, ýangyç senagaty, maşyn gurluşygy hem-de metal işläp bejeriş we ş.m.).

Mezogurluşy «birleşdirilen» pudaklaiyň düzümine girýän senagat pudaklaryny emele getirýär. Mysal üçin, maşyn gurluşygy we metal işläp bejeriş enjam gurluşygy, gural ýasaýjy senagaty, elektrotehniki, awtomobil, podşipnik senagatyny we beýlekileri, azyk senagatyny - et-süýt, gant, ýag senagatyny öz içine alýar.

Mikrogurluş kiçi pudaklary we senagat önümçiliginiň aýry-aýry görnüşlerini oz içine alýar.

Bazar ykdysady şertlerinde kärhanalaryň dürli görnüşleri hereket edýär. Olar sosial-ykdysady we guramaçylyk-hukuk gatnaşyklary esasynda tapawutlandyrylýar.

Sosial-ykdysady gatnaşyklar ýa-da eýeçiligiň formalary boýunça kärhanalaryň görnüşleri hökmünde hususy, döwlet we kooperatiw eýeçiligindäki, bilelikdäki we gatyşyk (birleşen) eýeçilikdäki kärhanalary, şeýle hem jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) halkara guramalarynyň, beýleki döwletleriň, olaryň fiziki we ýuridiki taraplarynyň kärhanalaryny görkezmek bolar.

Ýokarda agzalan kärhanalar eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan deň derejede hereket edýär.

Guramaçylyk-hukuk gatnaşyklary boýunça Türkmenistanda hereket edýän kärhanalaryň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

1. ýekebara (maşgala) kärhanalary;
2. döwlet kärhanalary;
3. jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) kärhanalary;
4. kooperatiw kärhanalary;
5. şereketler;
6. paýdarlar jemgyýetleri;
7. zähmet kollektiwiniň kärhanalary;
8. daýhan birleşikleri.

Bu kärhanalaryň her haýsysynyň üstünde aýratynlykda durup geçeliň!

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwründe ýekebara (maşgala) kärhanalaryň döremegi biziň ykdysady durmuşymyzyň üýtgeşik hadysalarynyň biridir. Şeýle kärhanalar aýry-aýry adamlaryň ýa-da maşgalalaryň serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Bu kärhanalaryň hereket etmegi ykdysadyýetde bar bolan birnäçe meseleleriň çözülmegine ýardam edýär. Ol problemalara bazary haryt bilen üpjün etmek , zähmet resurslaryny tygşytly peýdalanmak, her bir şahsyýetiň öz inisatiwasy boýunça mümkinçiliklerini peýdalanmagy we ş.m. degişlidir.

Ýekebara kärhanalar özüniň ykdysady tebigaty boýunça hususy eýeçilige esaslanýan kärhanalaryň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär. Olar özüniň ykdysady

guramaçylyk formasy boýunça kiçi kärhanalara degişlidir. Şeýle hem kiçi kärhanlar eýeçiligiň islendik formasy esasynda döredilip biliner.

Döwlet kärhanalary önümçilik serişdelerine döwletiň eýeçiligi esasynda emele gelýär we hereket edýär. Häzirki wagtda döwlet eýeçiligindäki kärhanalar halk hojalygynda monopol agdyklyk edýär. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwründe kärhanalaryň bir bölegini döwletiň garamagyndan aýryp, eýeçiligiň beýleki formalaryna geçirmek, hususyýetleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar.

Jemgyýetçilik birleşikleriniň (guramalarynyň) kärhanalary jemgyýetçilik birleşikleriniň hut öz kärhanalaryna, dini guramalaryň, haýyr-sahawat we başga jemgyýetçilik fondlarynyň kärhanalaryna bölünýär.Olar öz işlerini ustaw (düzgünama) esasynda alyp barýarlar. Kärhanalaryň ýenede bir görnüşi- kooperatiw kärhanalardyr. Olara daýhan birleşikleri hem degişlidir. Kooperatiw kärhanalar olaryň agzalarynyň önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligine esaslanandyr. Kärhananyň bu görnüşi onuň agzalarynyň maddy we pul serişdeleriniň, şeýle hem alnan girdeýjiniň hasabyna döredilýär. Kooperatiwler ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda hereket edýär. Guramaçylyk – hukuk taýdan kärhanalaryň indiki bir görnüşi şereketlerdir. Şereket – munuň özi raýatlaryň ýa-da ýuridiki taraplaryň öz arlaryndaky şertnama esasynda bilelikdäki işi alyp barmagy üçin birleşmegidir. Şereketiň emlägi oňa girýän fiziki ýa-da ýuridiki taraplaryň goýumlarynyň olar tarapyndan alnan girdejileriň we beýleki çeşmeleriň birleşdirilmeginiň hasabyna emele gelýär hemde şol emläk umumy üleş paýly eýeçilik esasynda oňa gatnaşyjylara degişli bolýar.

Paýdarlar jemgyýetleri hojalyk işlerini amala aşyrmak üçin taraplaryň emläkleriniň birleşdilimeginiň netijesinde döredilen kärhanalardyr. Paýdarlar hökmünde aýry-aýry kärhanalar we raýatlar çykyş edýärler. Olar paýdarlar kärhanany döretmäge goşan goşantlaryna görä paýnamalaryň belli bir summasyna eýe bolýar. Paýnama – munuň özi gymmat bahaly kagyz bolup onuň eýesiniň paýdarlar jemgyýetine goşant goşandygyna güwä geçýär. Paýnamany saklaýjylary kärhananyň eýeleriniň birine öwrülýärler we onuň gazanan peýdasynyň öz paýnamasynyň möçberine görä bir bölegini girdeji hökmünde alýarlar. Ol girdejä diwidend diýilýär.

Paýnamalaryň nominal gymmaty we real bahasy bardyr. Olaryň ýüzünde ýazgy bilen görkezilen summa onuň nominal gymmatydyr. Paýnamalaryň real bahasy ýa-da kursy olaryň satylýan we satylan alynýan bahasydyr.

Paýdarlar jemgyýeti açyk ýa-da ýapyk bolup biler. Açyk jemgyýetiň paýnamalary beýleki paýdarlaryň ylalaşygy bolmasa-da bir elden beýleki bir ele geçirilip bilner. Ýapyk jemgyýetiň paýnamalary bolsa, diňe beýleki paýdarlaryň ylalaşygy esasynda bir elden beýleki ele geçirilip bilner.

Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýyrlmagy netijeside emele gelýän täze kärhanalaryň biri kollektiwleýin karhanadyr. Bu kärhanalar kärendesine alnan döwlet

emläklerini satyn almaklygyň hasabyna döreýärler. Şeýle kärhanalarda önümçilik serişdeleri zähmet kollektiwiniň eýeçiligine degişlidir.

**Maksatnama bilen gabat gelýär:** **B.Käbäýew**